# Güýz we men

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Güýz we men GÜÝZ we MEN



Syrly gözellige dolupdyr dünýä,
Gözüň gamaşdyrýar tylla ýapraklar.
Agraslygy garry atamdyr, göýä,
Ýene-de bir pasyl zemini päklär.
Alasarmyk duýgulara berlilip,
Uludan dem alyp ýöräp barýaryn,
Şahasyndan aýra düşüp, saralyp,
Gaýyp barýan ýapraklary görýärin.

Hoşlaşyk aýdymyn aýdanda guşlar,
Zaryn owazyna erkim aldylar,
Jogap agtarýan men sowallaryma,
Kalbym içre gam-gussamy saldylar.

Saňa meňzäp, sary öýme daňdym men,
Ýagyşlaryň özüm bolup aglady.

Islemedim ilden beýik bolmagy,
Sadalygym mydam ýolum baglady.

Şeýle bir owadan hasratyň seniň,
Ýolda galan umytlarym gynaýar.
Güýzüm saňa meňzäp, pespäl galaýyn,
Ykbal meni aýralykda synaýar. Goşgular